**“Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda “biologiýa” boýunça geçiriljek onlaýn ders bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen tassyklanan “Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna” we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasyna şeýle hem “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026-2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyna” we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2026-2030-njy ýyllar üçin Meýilnamasyna laýyklykda “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde “biologiýa” boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirilýär.

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

Şu Düzgünnama Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “biologiýa” boýunça onlaýn ders bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe esasy mesele hökmünde Garaşsyz Watanymyza, mähriban halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýiti zehinli, ukyply we başarjaň ýaşlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Ösümlikleriň tebigatda ýaýraýyş kanunalaýyklyklaryny, ätiýaçlyk gorlaryny düýpli öwrenmek we olaryň dermanlyk häsiýetlerini anyklamak, dermanlyk ösümliklerinden ýokary hilli derman serişdelerini taýýarlamak babatda ýurdumyzda uly işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsi görnüşlere örän baý. Ýurdumyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsini rejeli peýdalanmak üçin ilki bilen dürli tebigy şertlerde ýaýran görnüşleriň biologiýasyny we ekologiýasyny öwrenmek zerurdyr. Şeýle hem häzirki wagtda biologiýa ylmynyň molekulýar biologiýa, genetika, gen inženeriýasy, bioinženeriýa, biolukmançylyk, nanolukmançylyk, biofarmokologiýa, biomaglumat ugurlaryny, umuman, biotehnologiýany ösdürmek hem-de täze tehnologiýalary döretmek – dünýä ykdysadyýetiniň iň wajyp ugurlaryň biri bolup durýar.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “biologiýa” boýunça onlaýn ders bäsleşigini geçirmekligiň maksady Türkmenistanda tebigy ylmy ugurlar boýunça ylym-bilim bermekdäki milli standartlaryny dünýäniň öňdebaryjy tejribesi bilen utgaşdyryp, okatmagyň hilini ýokarlandyrmakdan ybarat. Ýaşlaryň bilimlerini barlamagyň häzirki zaman döwrebap usullary arkaly sanly bilim ulgamyny ulanmak bilen olaryň başarnyklary we endikleri açylyp görkeziler.

Bäsleşigiň geçirilmegi häzirki döwürde ýüze çykýan ylmy we amaly meseleleri derňemäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmäge, barha ösýän jemgyýetde başarjaň, bilimli, döredijilikli, zehinli ýaşlary kemala getirmäge, ýaşlaryň biologiýa boýunça alan nazary bilimlerine daýanyp, hünär ussatlygyny has-da kämilleşdirmäge itergi berer.

## II. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

**Bäsleşigiň maksady:**

a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek;

b) talyp ýaşlaryň biologiýany düýpli we hemmetaraplaýyn öwrenmeklige gyzyklanmasyny artdyrmak hem-de çuňňur bilimliligini ösdürmek;

ç) häzirki döwürde amalyýetde ýüze çykýan biologiki meseleleri, tejribeleri derňemäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmek.

**Bäsleşigiň wezipeleri:**

a) häzirki zaman tehnologiýalary ulanmak arkaly nazary meseleleri çözmeklige gyzyklanma döretmek;

b) zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak;

ç) sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriň özara aragatnaşygyny pugtalandyrmak;

d) bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders bäsleşiklerine gatnaşýan ýaşlaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak.

## III. BÄSLEŞIGIŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI WE ŞERTLERI

- Bäsleşigiň **2026-njy ýylyň mart aýynyň 18-ne sagat 14:00-da** bellenilen ýokary okuw mekdeplerinde bir wagtda geçiriler we ähli gatnaşýanlar wideoşekiller arkaly göni ýaýlymda görkeziler;
- “Biologiýa” boýunça onlaýn ders bäsleşigi ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilip, her ýokary okuw mekdebinden 5 (bäş) talyp gatnaşyp biler we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň web saýtynyň binýadynda ýokary okuw mekdepleriniň özünde onlaýn gatnaşmak arkaly geçiriler;
- Bäsleşikde bir dogry jogaply test hödürlener.
- Test soraglary Botanika dersinden hödürlenýär we Gahryman Arkadagymyzyň “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly ylmy ensiklopediýasyny öz içine alýar;

- Gatnaşyjylara öz ýany bilen aragatnaşyk serişdelerini, elektron-hasaplaýjy tehnikany, foto, audio we wideo enjamlaryny, gözükdiriji serişdeleri hem-de maglumat göterijileri, aragatnaşyk geçiriji islendik serişdeleri ulanmak rugsat berilmeýär;
- Bäsleşige gatnaşýan talyplar soraglary hem-de ýumuşlary özbaşdak işlemeli. Bäsleşigiň geçirilýän wagty goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen özara gürrüň eden ýa-da dürli esbaplardan peýdalan gatnaşyjy bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar;
- Bäsleşige gatnaşjak talyplar we jogapkär mugallym baradaky maglumatlary **2026-njy ýylyň mart aýynyň 15-ne** çenli aşakda görkezilen görnüşinde *word (*.docx) faýlynda* gurbanmyratamanow18@gmail.com salgysyna ugratmaly.

**ÝOKARY OKUW MEKDEBINIŇ ADY**

| T/b | Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Ýyly, hünäri | El telefony, elektron poçtasynyň salgysy |
|---|---|---|---|
| 1 | | | |
| 2 | | | |
| 3 | | | |
| **Jogapkär mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady, wezipesi, telefon belgisi** | | | |

## IV. BÄSLEŞIGIŇ EMINLER WE GÖZEGÇI TOPARY

- Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda biologiýa boýunça “onlaýn ders bäsleşigini” üstünlikli geçirmek we jemini jemlemek üçin Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan eminler topary döredilýär;
- Ýokary okuw mekdeplerinden jogapkär mugallymlar onlaýn ders bäsleşiginiň geçirilişine onlaýn wideoşekiller arkaly gözegçilik edip bilerler;
- Islendik gatnaşyjynyň arz-şikaýat bilen ýüz tutmaga hukugy bar. Arz-şikaýatlar bilen diňe toparyň ýolbaşçysy eminler toparyna elektron poçta arkaly ýüz tutup biler;
- Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de bu gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.

## V. BÄSLEŞIGIŇ JEMINI JEMLEMEK WE ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

- Bäsleşigiň netijesi şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener;
- Bäsleşigiň netijesi beýanlar arkaly resmileşdiriler, eminler toparynyň netijenamasy esasynda gatnaşýan talyplaryň 30%-e çenli ýeňiji diýip yglan ediler we olar I , II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.

**Guramaçylyk topary**
**Telefon: +99364696995;**
**e-mail: saparmuradov.rd@gmail.com**